

# Goşgular Ýygyndysy

NOBAT SOWBETOW

© 2022 Nobat Sowbetow

Nobat Sowbetow
Goşgular Ýygyndysy
Ähli hukuklar goralandyr. Bu neşiriň hiç bir bölegini neşirçiniň rugsady bolmazdan ýa-da awtorlyk hukugynyň düzgünlerine laýyklykda köpeltmek, gözlemek ulgamynda saklamak ýa-da islendik görnüşde elektron, mehaniki, fotokopiýa etmek, ýazga almak ýa-da başga bir görnüşde geçirmek bolmaz.

Çapa Taýarlan: www.didar.sovbetov.com

Toplan & Tertibe Salan: Didar Sowbetow & Yhlas Sowbetow

NOBAT SOWBETOW

# GOŞGULAR ÝYGYNDYSY

**Kakamyz *SOWBETOW Nobata*,**

**Onun 2000-2018 Yyllary Arasynda Yazan Goşgulary, Pikirleri we Garalamalarynyn Jemi Şu Kitapda Birleşdirilen**

**OGULLARYNDAN SOWGAT!**

# MAZMUNY

İldir Men ....................................................................6
Pikirlerim ....................................................................11
Türkmeniň Taryhyna Gysgaça Syn! ....................................22
Garaşsyzlyk Alandan Soń WATANYM ................................25
Göńden İnen Garadaş ..........................................................27
Jelalleddin ......................................................................29
Dünýäde adyń belli Magtymguly ........................................35
Adamzat ........................................................................36
Bir Ay Göryan Öyümde .........................................................37
Atam - Enemi ýatlap ...........................................................40
Bagtly Ene Sen BAHAR! ........................................................44
Ýaşlykdaky Endigim ...........................................................46
Köfüklide Şehit Bolanlara Bagyşlanýar ...............................48
Myrat Turanly.....................................................................54
Gitdiń sen Şöhrat! ..............................................................55
Süýtdeş inim Durdybaý ........................................................57
Dolan aý sen dolanaý...........................................................60
Gara Göz ..........................................................................63
Gülnar ..............................................................................67
Sen Söýgüli ýarym Bolsaň ...................................................74

# Goşgular Ýygyndysy

NOBAT SOWBETOW

# İldir Men

Agşam başlap älem ýyldyz bazaryn,
Sowup dur ähլisin dańa galdyrman.
Guma garyp ençe ärleń nazaryn,
Gidip dur amanat äńe bildirmän

Alansoń erkimi geçmiş heseri,
Göze süldüm küt-küt taryh eseri,
Agdardym gijeler niçe asyry,
Dowamly jümläni sońa galdyrman.

Geçmişi näbelliń bormy geljegi?
Köpmi nesliń yedi arka biljegi?
Gelen geçer, ýokdur asla galjagy,
Aslyn yzlan biler bilin galdyrman.

İlki dilde:« ADAM » sözi bolupdyr,
Ne üçin ol TÜRKİ dilde galypdyr?
Belki Babam harplar içre ELİFDİR,
Ene dili gadym bolan ildir men.

Emir bilen Adam ata ýarapdyr,
How enemiz gapyrgadan döräpdir,
Ogly Habyl Ably ýere küräpdir,
Dogan - duşman bir inipdir bildirmän.

Gargyş alan Hablyń ýedi neslini,
Sif inen geçrip ýüz kyrk ýyl paslyny,
Taryhdan gör adamzadyń aslyny,
Okasań bilersiń başyń galdyrman.

Müń ýigrimi alty ýyldyr arasy,
Sifdir Nuhyń sekizinji arkasy,
Oń üç ogly dogan eder her kesi,
Sim, Ham,Ýafet ýatyr başyn galdyrman.

Simden-Assur, El, Lul, Arfsal, Arandyr;
Ham nesli - Huş, Misraim, Fut, Hanandyr;
Ýafet ogly Firas ýedi dogandyr,
Atalarmyz ýatyr gabak galdyrman.

Firas-Fars-Pers, Baba il-Wawil boldy,
Sim-Semit, Ham-Hamit dürli dil boldy,
Assur, Hanan-Hetdi döwlet, il boldy,
Sidon, Elam gitdi göwün doldurman

Dörüp Burdur, Jeýtun, Kelte minaryn,
Görüp Altyn depäń gadym hünärin,
Bildik bäş-on müń ýyl arada baryn,
Awçy babań nesli bolan ildir men

Döwür geçip, Hetdi-Alan birikdi,
Akhun, Eftal, Oguz iller örükdi,
Guruldy döwletler barha berikdi,
Atalary dünýä belli ildir men.

Dört müń ýyl öń guran Hetdi döwletin,
Bogaz köýde Hattu-şaş dek paýtagtyn,
Saplan at-ýarag, dokma senagatyn,
Türkmen diýer asly Akhun ildir men

Salak - Salyr - Sal, at beren Arfaksal,
Kawkaz, Krym, Don, Sibirde il, derýa Sal,
Azýer, Türk, Fars, Çynma–Çynda Salak il,
Salyr Gazan nesli diýer - Saldyr men.

Müsür bilen onbäş asyr jeń guran,
Atalarmyz watan üçin jan beren,
Hetdi ata ýurdy flistýana buýran,
Ar alýança Oguzlar nesli Türkmen

Atalarmyz çar tarapa at salan,
Hetdi, Akhun - Parfy duşmandan alan,
Rimli- Müsürliler köp toba gelen,
Ärler diýen: “Duşman görsem Şirdir men”.

Älem - ogul ady Oguzdan galan,
Gün, Aý, Ýyldyz, Gök, Dag, Deńiz Han bolan,
Deńizden Seljuk – Sanjar Soltan bolan,
Osman diýen: “Rumda Beýik Şadyr men”.

Ýedi ýüz ýyl bolan oguzlar pasly,
Döwleti gińelen, köpelen nesli,
Salyr, Ýazyr, Azýer – il bolan esli,
Diýen bary Türki dilli ildir men.

Çyk atda - Çukotda geçelge guran,
Ene yer-Materik– Anadyr bolan
Aýhanlyk –Aýnylar Ýaponda galan,
Gündogarda ösen döwlet ildirler

Ýyldyzdan Begdil– Atsyz Horezm şasy,
Arslan, Tekeş, Muhammet ońı balasy,
Göńe galdy minarasy, galasy,
Duşmanlar diýýänçä indi çöldür sen

Jelalleddin duşmanlara zarp urdy,
Çingiz han görmändir onuń dek merdi,
Gypjaklary gyrdy dönüklik derdi,
Horezime ýagy diýdi küldür sen.

Ýedi ýüz ýyl döwlet gitdi bu ilden,
Ýagy indi sagdan, soldan, İt ilden,
Asyl nesil gördi muny ykbaldan,
Stolet, Galkin diýdi golast ildir sen.

Türkmen Miçgeý Miçigana at bolan,
Çykalgada Çikaga dek kent guran,
Mämlýukden mämeli täk tire galan,
Çar künjege nesli ýaýran ildir men.

Lenin gelip deń hukuklyk erk eden,
Köp illeriń tabynlygyn berk eden,
On bäş halka özbaşdaklyk terk eden,
Dogan iller diýen bile sildir men.

Garaşsyzlyk sapar etdi ýene-de,
Sabyrly il ýetdi bagtly senede,
Türkmen döwlet ady ýańlap panyda,
Diýdi: “Jeńe geń - agzybir ildir men”.

Ýaýrapdyr Ata dil bütin älemde,
Bu gün boldy döwlet dili ilimde,
Söz-bag güli, galam– gural elimde,
Erkana şiresin tirsem baýdyr men.

Geçmiş şygyr – dessan beýany öńden
Taryhymyz indi açylýar çańdan,
Türki halklar gatnaşyşyp gün – günden,
Diýer bary: ” Bir ataly ildir men”.

Setirlerim Türkmen haly erşi dek,
Atalaryń jepa çeken gerşi dek,
Timarlansa, saz – gurallar kirşi dek,
Taryhyn äleme ýaýma ýoldur men.

Taryhçy däl, belki köpdür hatamyz,
Şahyram däl, ýokdur alan patamyz,
Ýańkentde galypdyr Gorkyt atamyz,
Her künjekde nesli galan ildir men.

Adam ata How enäniń Watany
Daglary görendir Sif, Nuh atany
Dag üst köli - gämisiniń batany
Ata yurt eýesi - türki ildir men

Aýdan Nobat Tagan şehit agtygy,
Aslym Mürze-Hetdi - Salak pudagy,
Ýigrimi dört kök jem miwäni düwdügi,
Diýer Oguz : “Beýik döwlet – İldir men”

Я по специальности инженер, а не историк. Любовь к истории своего народа у меня начался в дали от Родины в г. Одессе – студенческие годы ( Там же впервые приходилось встречаться с Гагаузами).

Изучая историю я шел к своим предкам как к безконечности. По пути встречались не мало паутин из которого трудно было вытянуть нужную нить. В таких случаях пришлось пользоватся множеством исторических литератур среди которых бесценным источникоми являются труды туркменского ученного А. Джыкгыева и новые источники других ученных с мировым именем, об истории туркменов, огузов, аланов, хеттов, и парфов.

О любви к истории своих предков часто начитывал мне отец ( Умер 1992 г.) , который рассказывал о родословии туркмен, о племенах, о воинственности, храбрости и что туркмен должен знать не менее 7 – поколении своих предков, а так же о своих предках следущее : Мы из иомудов Байрам шалы - Салак - Ак салак - Хетди - Мирзе. Нам близкие по родословию пдемена Сердары, Гокгушакы, Заманлы, Ак эркеки, Боюнбашы и все племена исходившие от хеттов что в основном совпадал

с данными ородословии в трудах А. Джыкгыева( Очерки происхождения и формировании туркменского народа в эпоху средневековья) . От отца я узнал ,что дедушка мой Таган кака считали Щехитом( Ныне участок Сталина / бывший 2-ой Копукли / в Д/Б « Ашгабат» Акдепинского етрапа, Дашогузского велаята), прадед Мырат сопы похоронен на Васе – Диярбекире в овлия Чыралы Баба, а прапрадед Маметгылыч кака со своими братьями Хангылыч,Овезгылыч так же проживали там же / О них пока не уточнил все сведения /, прапрапрадед Язгылыч кака вместе соплеменниками ёмут салаками / Сердарлар, Хетди - мурзелер / пошли воевать с Хивинским ханом из-за возникшего конфликта из-за отказа уплаты налогов и из-за казни ханом соплеменника - родственника как кровная мест, и он был убит в этом сражении, захоренен в Овлие Палван ата в г. Хиве ( ныне Узбекистан), считали Щехитом . Прапрапрапрадед Ата кака – о его истории пока сведении не собранный.

Эти отцовские рассказы, рассказы Момалак кака двоюродного брата отца ( проживающего к/з «Ватан» К/Ургенчского района, 1924 г.рождения) - первичные сведения об истории своих непосредственных предках и любопытства к остальным

предкам заставил мне изучать и дойти до истории Белых Гуннов( Ак Хунлар-Ак сунклер), Хеттов , Аланов, Парфов, Саков, Уйгуров, Хорезмицев( возможен Фарасминцев, от царя Фарасман или Фарасмен) , Мидийцев, Лидийцев и др. Трудно было осазнать что подплемена иомудов т.е входившие тайпы, колены в состав иомуда оказались по разяснениям источников намного старше самых иомудов, что было для меня невероятным.

После того как прочитал множества исторических литератур, прочитал об истории человечества в Библии, где возрост наследников Адама и Евы до рождения Исы я насчитывал их обший возрост более чем 7- тыс. лет( А значит, 7тыс. лет + 2 тыс. лет = 9 тыс. лет) , по некоторым данным современных ученных ворост человечества на земле имеет большие расхождения друг от друга и колеблится от 15 тыс. до 300тыс.лет. Я в Библии нашёл ответ на вопросы о своих предках – ХЕТТАХ. Хетт по Библии сын Ханаана, внук Хама, правнук Ноя (Нух). А Ной восьмое поколение Сифа - ТРЕТЬЕГО сына Адама. А от сыновей Адамовой Кайн( Хабыл), Авель( Абыл) ни кто не осталось, Авеля убил свой брат Каин, а семь поколения Каина были прокляты Богом. Так же стало ясно называния

многих народов, племен, городов. местностей и государств - это имя Ноевых наследников , например - Ассур-Ассирия, Фарас, Фарасмен—близок к Хразмину, Хетт—На территории современной Турции было создано первое Великое Рабовладельческое Государство Хеттов со столицой Хатту - Шаш ( в Богаз кей) 4 тысяча лет назад – первое государства, Сал – Есть племена у туркмен Салыры, Салакы,есть реки Сал идр., Мицраим – Мисир( т.е. Египет), Евей—близок к еврейю, и др., Израиль — есть государство Израиль, Синей – есть местность Синей, Элам - есть местность, Мадай—есть Мадайцы(Венгры ?), Корей - Корейцы, Армаянин - Армянин, Иордан - Иордания, и многие другие.

В истории Туркмен мне стало ясно древность его происхождение и были ниты идущие в Ирак , Иран, Израиль, Сирию, Палестину, Турцию , на Кавказ, в Центральную Азию и на Алтай

Почему – то туркмены завоевав пол света и на 300 лет держав господства, именно там на территории современной Турции (Где 4тыс.лет назад было царство Хетт),остановились и решили обьединив множества племен создать там единное государства турок –Турцию, вернувшись через 2 тыс. лет после распада Хеттского царства который был определен Хетту

их прапрадедам Нойем (Нухом) , т.е в прапрапрапрародину , когда они могли бы так же сделать свою столицу в других завоеванных райских уголках в Болгарии, в Крыму или на Балканах. А остановились именно на территории бывшего царства Хеттов. Видимо их горячо тянула к себе прапрародина, оставшие ещё сохранившиеся крепости, схожие к своим крепостям и может быть многие другие о которых уменя нет сведении.

Об общей параллели Хеттов и Туркмен в своей книге «Туркмены» (стр.27)пишет и М. Дурдыев, историк С. П .Толстов..Особенно отмечают сходства мужской и комплекта женской одежды хеттов, строительства крепостей ( Хату шаш на территории Турции), архитектура, исскуства, кони - скакуны не уступавшие в ни чем тогда вбитвах с Арабами и Арабским скакунам. На Хеттском языке не было женского, мужского рода, чего нет и на Туркменском. Всё это так же говорит о древности происхождение, о единстве, смежности основных баз ассимляции этих народов.

Параллелей можно приводить много, но среди них главными являются что Хеттское царство возникло 4 – 5 тыс. лет назад и распал 2800 лет назад, ( т.е 800 лет до нашей эры). Просуществовал как военно-

рабовладелчаское государство в постоянном противостоянии , сражаясь с древним Египтом ( Мисраим и Хетт – братья , дети Ханаана, а Мицраим есть Мисир, а Мисир и есть Египет) и другими соседствующими великими древними государствами и были побеждены «заморскими племенами» в 800 г. До нашей эры и распал, польностью потерял сущуствование , государственность.

Что значить существовать 2000 лет в противостоянии со сильными, по тому времени самыми мощными государствами непосредственно в соседствии? Для сравнения можно привести ныне СССР и США, хотя и не являются соседями , но противостоять СССР какой бы мощным не был не смог и распал всего лишь через 70 лет. А раз так длительно 2000 лет одерживая победы могли противостоять над силными древными государствами у них было чем противостоять мощным врагам, т.е были кони превосходящие арабских, были лучшие оружия, были превосходящие соседей производства и экономика, строительство , архитектура и планировка, ткацкое производства, ковроделие, наука, тактика ведения боевых действии и т.д. .

ВОПРОС : Куда могли деться после распада государствы Хеттов все их достижении ? Лучшие кони?

Ковроделие? Сегодня всем известно таковыми являются ТУРКМЕНСКИЕ. По сообщениям по радио из Ашхабада и из Москвы в 1993/94 гг. - возрост найденного ИОМУДСКОГО ковра на Алтае переданного в Мовковский музей при определении возроста оказалось 2500 лет , а в те времена не только иомудов , но и туркмены, как народ не формировались . Но тогда Хетты распавшего государства близкие к нам и овладавшими всеми этими производствами, достижениями были. Но они уже со своими всеми талантами вошли в состав других разных племен, народов, государств ( Лидицев, Ахаменидцев, Мидийцев, Гуннов, Аланов, Албанцев, Каспцев-Хазарцев, Уйгуров, Сарматов, Парфиян, Фарасминцев - Хорозминцев и т. д. . И происходило ассимляция их с теми народами в состав которого они вошли, но при этом сохранили исскуство, культуру и др. достижении своего народа. Вот яркий пример : В составе Туркмен – иомудов - Салаков (Салыры – Сал , Арфаксал правнуки пророка Нух) входйящими в состав Ак салака считают себя Хетды , в состав которых включают себя племена Мурзе, Мамели ( возможен наследники Мамлюков) , Бегдилы (Бегдил - Сын Йылдыз хана , внук Огуз хана – племя Джалалледдина, сына Мухаммет шаха, внук Текеша, правнук Алп-

Арслана - Наследники атсыза. Хетты, так же как они, как бы не по терпели поражения не могли польностью исчезнуть. А письменность и язык за несколько столетия совместного проживания могло слится с теми, в состав которых они вошли. Ведь так было и с Аланским языком, который в древнем Хорезме стало тюркским языком. И еще один не маловажный деталь которым трудно не согласиться. Это подтверждение того что основная часть Хетт присоединились или вошли в состав Аланов. В настоящее время наследниками Аланов считают Дагестанцев , Осетинцев где многие сохранили свое родоначало – фамилии: Хеттов, Хетдаров , Хетиев , Хетагуров и т. д. Язык Хеттов считают индо-иранской группы.Аланский Осетинский язык так же входит в эту группу как иберийско – кавказкая подгруппа. Так в последствии в течение 500 – 1000 лет Аланский язык оказал большое влияние Хорезмискому языку.

Такое происходить в наше время. Вот мне самому до сех пор удобно пользоваться, русским языком , хотя уже как распал СССР просуществовав 70 лет, прошла 15 лет. Хеттам после распада легче было слиться со северными соседями - Лидия, Мидия, Аланы, с которыми не враждевали - как с арабами. И они слились с другими

народами не 70 лет. А за 500 – 1000 лет хеттский язык исчезла, хетты слившись с другими народами приняли их язык, а своей культурой, исскуством, производством и др. знаниями - дополнили умения , знания умения этих народов .

Хетты, тогда просто не могли не знать о своем происхождении – как Ноевых (Нух) наследников , так, как это для них было не такая далекая история. Если это так, они были вправе называть себя Белыми Гуннами (Ак гун - Ак хунлы – Ак сунк, что говорить об их происхождении), то есть, хотя их и победили заморские племена они не рабы, а сами были рабовладельцами и вправе себя называть Белыми Гуннами или же слиться сними как с близкими по происхождениям. После периода распада Великого Хеттского Рабовладельческого Государства , почему – то , начинается появления формирования племен Белых Гуннов и Аланов и что наталкивает на мысель - Не являются ли они их наследниками ? Не ужели это случайное совпадения ?



## Türkmeniň Taryhyna Gysgaça Syn!

Ilkinji söz Adam - at, neneň türkmende galan
Aýdyň maňa adamlar - Kim ata - baba bolan?
Wawilon - Baba ili, Balamber – Ber Balamy
Aýan ediň Alymlar - haýsy il gadym bolan?

Dünýäde taý bolmandyr, olara şol döwürde
Ýyndam atda, batyrlyk - takatlykda, sabyrda
Puşman eden inen duşman,Watanymyza - yurda
Öçmez atalar ady bütün dünýä taryhda

Het-Alan, Akhun - Balamber - Oguz dek atalar
Atilla dek ogully, batyr gerçekleri bar
Nesilleri birigip – Türk halk bolan ady bir
Aziýa - Ýewropada döwlet guran agzybir

Dünýäde taý bolmandyr, olara şol döwürde
Ýyndam atda, batyrlyk - takatlykda, sabyrda
Puşman eden inen duşman,Watanymyza - yurda
Öçmez atalar ady bütün dünýä taryhda

Tutulan bu atlaram, Oguz diller birigi
Üýtgetmäň gerçek adyn: Atilla – il Atasy,
Ýyl, asyrlar tertipde, gel açalyň taryhy
Ata - baba atlaryň, barmy hany hatasy?

Dünýäde taý bolmandyr, olara şol döwürde
Ýyndam atda, batyrlyk - takatlykda, sabyrda
Puşman eden inen duşman,Watanymyza - yurda
Öçmez atalar ady bütin dünýä taryhda

Akhun , Eftal , Uýgur, Oguz – bir türki halkdyr
Ata ilden barysy - garyndaşdyr dogandyr
Gorkut atań aýdany türk äleme wagyzdyr
İç-Dyşoguz, Az ýerler - artsyn, agzybir bolsun

Dünýäde taý bolmandyr, olara şol döwürde
Ýyndam atda, batyrlyk - takatlykda, sabyrda
Puşman eden inen duşman,Watanymyza - yurda
Öçmez atalar ady bütün dünýä taryhda

Oguz han asly - Akhunlardan Gara han ogly
Akhunyń ady berlen - Gün handyr Oguz ogly
Bu gün ol nesillerden ençe Döwlet guruldy
Gülläp öser türki il – mydam agzybir bolsa

Dünýäde taý bolmandyr, olara şol döwürde
Ýyndam atda, batyrlyk - takatlykda, sabyrda
Puşman eden inen duşman,Watanymyza - yurda
Öçmez atalar ady bütin dünýä taryhda

Aslyny Akhun saýýar türki halkyń barysy,
Türkmen,Türk, Seljuklar dek, artandyr neberesi
Garaşsyz Döwletlerin gurdy olaryń nesli
Gülläp öser türki il – mydam agzybir bolsa.

Dünýäde taý bolmandyr, olara şol döwürde
Ýyndam atda, batyrlyk - takatlykda, sabyrda
Puşman eden inen duşman,Watanymyza - yurda
Öçmez atalar ady bütün dünýä taryhda

## Garaşsyzlyk Alandan Soń WATANYM

Ene toprak nesle miras gowuşdy
Garaşsyzlyk alandan soń WATANYM
Türkmen Döwlet ady dünýä çawuşdy
Garaşsyzlyk alandan soń WATANYM

Özbaşdak gadamly öńe barýarsyń
Halkyńa gaz, tok, duz, suw mugt berýärsiń
Täze öýler, köp binalar gurýarsyń
Garaşsyzlyk alandan soń WATANYM

Çet iller diýýärdi ýatan bir çöllük
Hiç kim öýtmezdi nebit – gazyń senlik
Baylygyńa älem bildirdi geńlik
Garaşsyzlyk alandan soń WATANYM

Özbaşdak gadamly öńe barýarsyń
Halkyńa gaz, tok, duz, suw mugt berýàrsiń
Täze öýler, köp binalar gurýarsyń
Garaşsyzlyk alandan soń WATANYM

Türkmen-türk doganlar bir ýola düşdi
Doganlarymyz bize ýardamyn joşdy
Ymaratlar ymarata ulaşdy
Garaşsyzlyk alandan soń WATANYM

Özbaşdak gadamly öńe barýarsyń
Halkyńa gaz, tok, duz, suw mugt berýàrsiń
Täze öýler, köp binalar gurýarsyń
Garaşsyzlyk alandan soń WATANYM

Şygyrym toýuńa sowgadym bolsyn
Çagyrýarys baýrama dostlaryń barsyn
Watanym baky Özbaşdak galsyn
Garaşsyzlyk alandan soń WATANYM

Özbaşdak gadamly öńe barýarsyń
Halkyńa gaz, tok, duz, suw mugt berýärsiń
Täze öýler, köp binalar gurýarsyń
Garaşsyzlyk alandan soń WATANYM

## Göńden İnen Garadaş

Çäksiz göńde döräpsiń – geń, tebigy
Bilmen näçe ýaşyńda sen garadaş
Ýyldyzlar arasyn eýläp seýil bagy
Könürgenji mesgen tutduń garadaş

Gazaply indiń sen ot – ýalyn bile
Gara ýere girdiń ot – külüń bile
Ah urup , ýań etdiń bat - ýeliń bile
Zarbyń bilen ýer sarsdyrdyń garadaş

Belki bug-çyg, artan – süşen özeniń
Belki Tańryń özi seni düzeniń
Belki sebäp, göńde tertip bozanyń
Ýerde Şa adyn aldyń garadaş

Belki sen älem baba planetasy
Belki – de sen ýeriń günüń atasy
Belki buýruk ýerde baky ýatasy
Üç ýüz altmyş eren ýanyń garadaş

Milliard ýyllar habarlydyr ýaşyńdan
Ne hadyslar geçendir seń başyńdan
Barmy biljek seń bitiren işińden?
Baky gelip düşdüń ýere garadaş.

Syýahatyń sońy Sapar aý ony,
Sowa geçdiń üç ýüz altmyş ereni
Ýa tirsege galdyrdyńmy Mätini
Göńden şa ýol açyp indiń garadaş

Aýan etdi gudrat mańa şu sany.
İlki dört aý, soń elli iki güni
Ýene ýetmiş alty sagat ne many?
Garagulak ilçimi sen garadaş

Ýagşy niýet – gelen döwlet biliner,
Belki onda ýerli Mekke salynar
Dumly – duşdan zyýarata geliner
Hoş habarçy bol hernä garadaş

## Jelalleddin

Oguz - Türkmen beglerinden sen şazada batyr
Gypjaklar dönsede etmänsiň duşmandan hatyr
Munda at - ýaragly söweşen ýerleriň ýatyr
Asyrlary geçip gelýär adyň Jelalleddin

Gurulsa oňa ýatlag, halk zyýarat ederdi
Goýulsa oňa heýkel, ilde Batyr artardy
Türkmen öz Batyryna - tagzymlap, baş egerdi
“Watany şol dek gora” – diýip, oglun erterdi

Türkmeniň taryhynda ömürlik yz galdyrdy
Sekiz ýüz ýyl mundan öň - şazada Jelalleddin
Türkan hatyn – gypjak eneń şalygyńa ters durdy
Şa tagtyn gypjak gelniń ogly Ozlaga buýrdy

Muhammet şa gylyç, jygasyn saňa gowşurdy
Döwleti duşman syndyran çagty Jelalleddin
Gurulsa oňa ýatlag, halk zyýarat ederdi
Goýulsa oňa heýkel, ilde Batyr artardy

Türkmen öz Batyryna - tagzymlap,baş egerdi
“Watany şol dek gora” – diýip, oglun erterdi
Türkmen taryhynda öçmez adyń Jelalleddin
Ömürlik ýaşaýań sen şazada Jelalleddin

Nusaýda müń iki ýüz ýigrimbirde jeń gurduń
Üç ýüz atlyń bilen ýedi ýüz duşmany gyrdyń
“Mongol ýeńilmez” – adyny sen ýere urduń
Kyn döwür atyldy sańa şalyk Jelalleddin

Gurulsa oňa ýatlag, halk zyýarat ederdi
Goýulsa oňa heýkel, ilde Batyr artardy
Türkmen öz Batyryna - tagzymlap,baş egerdi
“Watany şol dek gora” – diýip, oglun erterdi

Türkmen taryhynda öçmez adyń Jelalleddin
Ömürlik ýaşaýań sen şazada Jelalleddin
Bu ýeńiş horluk çekýän halky ýygdy daşyńa
Merwden Seýfeddin, Han Mälik geldi gaşyna

Gaznadan Emin, Temir Mälik goşdy goşuny
Gün saýyn artdy leşgeriń sany Jelaleddın
Gurulsa oňa ýatlag, halk zyýarat ederdi
Goýulsa oňa heýkel, ilde Batyr artardy

Türkmen öz Batyryna - tagzymlap,baş egerdi
“Watany şol dek gora” – diýip, oglun erterdi
Türkmen taryhynda öçmez adyń Jelalleddin
Ömürlik ýaşaýań sen şazada Jelalleddin

Bar goşunyn alyp Garlyk türkmen Azam geldi,
Owgandan leşgerli Muzaffar Mälik han geldi
Tohardan Tetejk gaçyp, ordań jesedi galdy
Duşman bosga-Türkmen merde döndi Jelalleddin

Gurulsa oňa ýatlag, halk zyýarat ederdi
Goýulsa oňa heýkel, ilde Batyr artardy
Türkmen öz Batyryna - tagzymlap,baş egerdi
“Watany şol dek gora” – diýip, oglun erterdi

Türkmen taryhynda öçmez adyń Jelalleddin
Ömürlik ýaşaýań sen şazada Jelalleddin
Çingiz han ürküp, ýygnan uly goşun garşyńa
Sygy Kutlug batyryn bellän goşun başyna

Özi synlap Gazna Perwanda guran urşuńa
Kyrk bäş müń jesedinden atly gaçan mekir han
Gurulsa oňa ýatlag, halk zyýarat ederdi
Goýulsa oňa heýkel, ilde Batyr artardy

Türkmen öz Batyryna - tagzymlap,baş egerdi
“Watany şol dek gora” – diýip, oglun erterdi
Türkmen taryhynda öçmez adyń Jelalleddin
Ömürlik ýaşaýań sen şazada Jelalleddin

Gaçak dolanyp on müń gizlin atlysyn süren
Mekirligi Tutunypdyr ol ömürlik ýaran
Meńburun Çingiz hany mert söweşe çagyran
Başyń egmän özüń derýa atdyń Jelalleddin

Gurulsa oňa ýatlag, halk zyýarat ederdi
Goýulsa oňa heýkel, ilde Batyr artardy
Türkmen öz Batyryna - tagzymlap,baş egerdi
“Watany şol dek gora” – diýip, oglun erterdi

Türkmen taryhynda öçmez adyń Jelalleddin
Ömürlik ýaşaýań sen şazada Jelalleddin
Jelalleddin Türkmende, duşmanlardan ar aldy
Çingiz hanam görmändir, asla onuň dek merdi

Gylyç bilen gorapdyr, ar - namys, ata- ýurdy
Taryha çäksiz goşantdyr - adyň Jelalleddin
Gurulsa oňa ýatlag, halk zyýarat ederdi
Goýulsa oňa heýkel, ilde Batyr artardy

Türkmen öz Batyryna - tagzymlap,baş egerdi
“Watany şol dek gora” – diýip, oglun erterdi
Türkmen taryhynda öçmez adyń Jelalleddin
Ömürlik ýaşaýań sen şazada Jelalleddin

Jahangirde bolmandyr, oňa taý şol döwürde
Buýsanç bilen ýatlanýar - halkymda köp şygarda
Janlandyrylan Gahryman ol - çet ýurt kino-eserde
Dünýä taryh-romanlarda - adyń Jelalleddin

Gurulsa oňa ýatlag, halk zyýarat ederdi
Goýulsa oňa heýkel, ilde Batyr artardy
Türkmen öz Batyryna - tagzymlap,baş egerdi
“Watany şol dek gora” – diýip, oglun erterdi

Gürjüstan, Eýran, Kawkaz - ähli türki illerde
Hindi, Hytaýda-da adyň Batyr Jelalleddin
Gadymdyr Watanymyň lälezar ülkesi, asly
Türkmen - Oguz iller, gurupdyr, döwletler esli

Türkmenistan Döwleti-de - olaryň bir nesli
Atalaryň arzuwy – geldi azatlyk pasly
Gurulsa gerçeklere ýatlag – atlar ýazylyp,
Ediler zyýaratlar - nesilleri düzülip

Goýsak olara heýkel – Türkmende Batyr artar.
Türkmen öz batyryna – baş egip, tagzym eder
“Watany şol dek gora” – diýip, ogluny erter
Watançy ýaşlarmyz gerekdir halkyma ertir

Kändir Türkmeniň batyr - gahryman ogullary
Ýok däldir başga-da ýatlanylman ýatanlary
Garaşsyz Watanymyzda ýatlalyň biz olary
Türkmen Döwleti üçin köp jebir çekenleri

Gurulsa gerçeklere ýatlag – atlar ýazylyp,
Ediler zyýaratlar - nesilleri düzülip,
Goýsak olara heýkel– Türkmende Batyr artar.
Türkmen öz batyryna– baş egip, tagzym eder

“Watany şol dek gora” – diýip, ogluny erter
Watançy ýaşlarmyz gerekdir halkyma ertir
Indi bolmaz waspyń kemdar öz Watan - ilińde
Tanalýaň sen taýsyz Batyr ärler dek älemde

Watan gorap jeń guran Türkmen halkyń öńünde
Türkmeniń Baky halk batyry sen Jelalleddin
Gurulsa gerçeklere ýatlag – atlar ýazylyp,
Ediler zyýaratlar - nesilleri düzülip,

Goýsak olara heýkel – Türkmende Batyr artar.
Türkmen öz batyryna– baş egip, tagzym eder
“Watany şol dek gora” – diỷỷip, ogluny erter
Watançy ýaşlarmyz gerekdir halkyma ertir

## Dünýäde Adyń Belli Magtymguly

Ençe asyr geçdi mundan
Baý ýadygär galdy senden
At galman köp han - soltandan
Goşa atly Magtymguly

Ýyldyzdan ýol ýasap göńden
Geljegi gören has öńden
Ýere nazar salan Aýdan
Jahan diýýär Magtymguly

Beýik adyń bile inen
Başyńa bilim täç gonan
Şygyrlaryn mana uýan
Jahan diýýàr Magtymguly

Ne gudratdyr hiç kim bilmez
Her döwürde many synmaz
Indi beýle şahyr inmez
Jahan diýýàr Magtymguly

Hak sözleri baky galan
Sönmez öwüt – wesýet bolan
Geni diýen ady alan
Jahan diýýàr Magtymguly

## Adamzat

Aglap inip, begendirdiń hemmäni
Ilki günüń bu jahanda Adamzat
Agzyń açyp soradyń sen emmäni
Ene arań tyg üzensoń Adamzat.

Eşigiń tämizläp, goýman şyltykda
Göterdiler allan aýdyp goltukda
Assa basyp, ýörjen etdiń galtakda
Adyń tutsa gülüp bakdyń Adamzat.

Günün sanap, täze tälim öwrendiń
Diş çykanda hem dökende jebrindiń
Seýdip ýerde güni ýedi öwrüldiń
Ilki parzyń sünnet boldy Adamzat.

Körleriń arzuwy çykmakdyr ýagta,
Gedaý könli şalyk - etmekdir bagta
Şalar diýýen - täk syr deger müń tagta
Päk sen heniz hyýallardan Adamzat

Soń oniki ýyl bilim – tälim aldyń sen,
Yene bäş ýyl şägirt - talyp bolduń sen,
Ýigrimbäş – otuzda durmuş gurduń sen
Ata parza boýun bolduń Adamzat

## Bir Ay Göryan Öyümde

Her gün ir turanymda
Bir Aý görýän öýümde
Agşam gaýdyp baramda
Bir Aý görýän öýümde

Däl aýyň ortasynda
Başynda, aýagynda
Elmydama törümde
Bir Aý görýän öýümde

Mydam saçak başynda
Çagalarym üýşende
“Mam! Nahar” - diýişende.
Dürli nygmat bişende

Däl aýyň ortasynda
Başynda, aýagynda
Elmydama törümde
Bir Aý görýän öýümde

Çagalaryň daşynda
Özi durar başynda
Köşeşdiriň joşanda
Bir Aý görýän öýümde

Däl aýyň ortasynda
Başynda, aýagynda
Elmydama törümde
Bir Aý görýän öýümde

Uzyn saçlar bilinde
Barsam gözler ýolumda
Daşoguzyň ilinde
Ol Aý meniň dulum

Däl aýyň ortasynda
Başynda, aýagynda
Elmydama törümde
Bir Aý görýän öýümde

Gyz – gelinleň sonasy
Göroglynyň Ýunusy
Däldir  onuń deňesi
Madonalaň känisi

Däl aýyň ortasynda
Başynda, aýagynda
Elmydama törümde
Bir Aý görýän öýümde

Gülüp baksa kä wagtlar
Çyrasyz jaý ýagtylar
Bize gerek däl tagtlar
Şol aý dursa öýümde

Däl aýyň ortasynda
Başynda, aýagynda
Elmydama törümde
Bir Aý görýän öýümde

Bu gün bahar baýramy
Menä gutlaýan ony
Köpdür dilegleń sany
Sag bolgaý onuń jany

Däl aýyň ortasynda
Başynda, aýagynda
Elmydama törümde
Bir Aý görýän öýümde

***Tebigatyń öz kanuny bar eken***
***Köp jemagat ony bilmän ýör eken***
***Öńden ańan Ata – enä  dözmezek***
***Depe – täçden ońa orun ber eken***

## Atam - Enemi Ýatlap

Ekläp – saklap ýetişdirdi
Kyn döwürde atam - enem
Erbetlikden çetleşdirdi
Ynjytmany Atam - Enem

Tyg üzen aram daş etmän,
Aglanym galman eşitmän,
Bagryna basyp üşetmän,
“Balam” – diyen Atam - Enem

Gazuw gazyp, çiller çekip,
Künde bilen ekin ekip,
Agşam şamlyk börek büküp
Naharlapdy Atam - Enem

Asgyrsak: “Nämboldy” – diýip,
“Ten gyzgyny galdy” – diýip,
Özi iýmän bize goyup,
Ekläpdiler Atam - Enem.

Her gün irden  çaý  bererdi,
Başym sypap iýdirerdi
Täze eşik geýdirerdi
Gülüp bakyp Atam - Enem

Agyr zähmet çekipdiler
Ajy derler döküpdiler
Ýedimizem bakypdylar
Gije – gündüz Atam – Enem

Yzlap – myzlap, şalyk etdik,
At tutar  yaşyna  ýetdik,
Aşyk atdyk - balyk tutduk
Guwandyryp Atam - Enem

Ýaşlyk el guş uçdy gitdi
Taryh bolup geçdi gitdi
Durmuş ýolun açdy gitdi
Görsün diýip Atam – Enem

Şeýde –şeýde  ýigit ýetdik,
Bir gun durmuş toýun tutduk,
Gujagyna agtyk atdyk,
Guwandyryp  Atam - Enem

Söbet aga Sargyz ýeńńe
Diýerdiler Size hemme
Garrylyga ýetip synma
Belki ýazgyt Atam – enem

Ir turup baryp görmäne,
Egilip salam bermäne
Gulluga bir gün durmana
Ýokdur indi Atam - Enem

Atlananda ataraýyn,
Gel arkamda götereýin,
Elińiz bala batyraýyn,
Diýsem dönmez Atam - Enem

Yzlasam uluslar söküp,
Sorasam gapylar kakyp,
Aglasam dyzyma çöküp
Tapman indi Atam – Enem

Kime berýäń uzak ömür,
Kime guryań duzak ömür
Kime joşýań üzük ömür
Tańrym aldy Atam - Enem

Dünýä sen bir doýmaz däli,
Guradýań miweli bagy,
Kazalap bagt ýeten çagy
Goýduń ýetim ata – ena

Ýatan ýerińiz ýagty bolgaý
Ruhlaryńyz rahat bolgaý
Imanyńyzda hemrańyz
Jaýyńyz behiştde bolgaý

Ukuly dek ańman galdym,
Gaýgy - gama batyp boldym,
Keşblerini ýatlap ońdum,
Asla dönmez Atam - Enem

Nobat aýdar karar tapmaz,
Müń bir gaýga bir iş bitmez,
Aýatdan başga zat ýetmez,
Indi Size Atam - Enem

## Bagtly Ene Sen BAHAR!

Es salam aleýkum toýa gelenler
Dostlar, ildeş, dogan - gardaş bolanlar
Hormatlap gelmäni borçly bilenler
Diýmek üçin: “Bagtly Ene Sen BAHAR!

Güljan daýza, Yusup, Meret agalar
Bardyr giden guda ýakyn babalar
Nesli nikalansa - ruhlar şatlanar
Dünýäde iń bagtly Ene – Sen BAHAR!

Allań emri ýürekleri duşuran
Perişde goldawy amal aşyran
Bar ýygnanyn toý saçagna üýşüren
Hem ata – hem bagtly Ene Sen BAHAR!

Toý tutdyń ýetende sähetli çagta
Kynçylygy ýeńip ýetdiń bu bagta
Hyzmaty buýrsun – wesyetiń nygta
Dünýäde iń bagtly Ene Sen BAHAR!

Agtyklar ýetirgeý seni çowluga
Çowluklar ýetirgeý seni ýuwluga
Allajan ýetirgeý baryń beglige
Hem ata – hem bagtly Ene Sen BAHAR!

Ynam bilen söýgi ýakyn gardaşdyr.
Ynam ýitse söýgi bir gara daşdyr
Kalb wesýetim - Wepa, berk bagta başdyr
SERDAR! ŞİRİN BAGTLY ATA-ENE BOL!

Serdara hem Şirine Hanhowuzdan,
Bagt dilän Nobat agań Daşoguzdan
Insin beýik dagdan, çäksiz deńizden
SERDAR! ŞİRİN BAGTLY ATA-ENE BOL!

Ynjanynda ýoldaşyńa PENA BOL!
Derde şypa- özüń DERMAN HANA BOL!
Ýetmeziniń özüń DESSER HANY BOL!
SERDAR! BİLE BAGTLY ATA-ENE BOL!

## Ýaşlykdaky Endigim

Ýaşlykda bildim ýagşy-ýaman bardygyn
Sadaja bölüp baryn iki topara
Birini gazaply hem gaharlylara
Beýlekisin mylaýym– rehimdarlara

Ýakymly sözlani gowydyr öýütdim
Gyzyklanyp, olaryń edenin etdim.
Käte diń salyp, töweregme seredip,
Ýagşy - ýamana öz bakyşym döretdim ,

Galdy endikler durmuş ýola geçsemde
Ýalan - bakyşdan halys aşa düşsemde,
Jan köýdürip hakykaty päk aýdýandan
Ýalńyşyp, azaşyp köp ýanyp-bişsemde

Iń gyn zat diýýipdirler päklik, sahylyk
Ondanam gyny öz- özüńi ańmaklyk
Dowrümizde bolup dur iń bir kyn gylyk
Olda täk galyp, hakykata uýmaklyk

Döwür däp- dessury bolupdyr galp- ýalan
Dogrusyn aýtmaz para beren ýa alan
Günde Alladan sirotl mustakem diläp
Ýalan sözlarmi iman-namazly bolan?

Dileg – päk ýol, ońmaz galp bilen bir kalbda
Hilegär -galpdan malyń saklagyn gulpda
Ýylgyryp sözläp, alar göwün açaryn
Ynam göz baglar, gulp goýmarsyń bir zulpde.

Bular üýtgedýär meniń dünýä garaýşym
Ýalançy – kezzaplara bakyş – araýşym
Ýokanç virus dek, olań artýanyn ańyp,
Diýýän: Düzmükä meniń ýeke baryşym?

Diýýipdirler - Dürsdür Allanyń halany.
Hak goldagaý hoşniýetli, päk bolany
Watanmyz baýýar, berkär, has öńe gider
Tapaýsa ol virusa dönmez dermany

## Köfüklide Şehit Bolanlara Bagyşlanýar

Bagşyl oba düşläpdir iki ýüz atly
Köfükliden gün çykarda Adamlar.
Göwün hoşlap, şire - nahardan esli
Merde dönen ile belli baýtallar.

Obadaky öýler oda çawlanan
Tagan şehit at-ýaragly jaýlanan
Ýedi ýetim, Akyl eje daglanan
Zaryn aglap, gözler ýaşly ildeşler

“Ors alan ýurdunda galan ors bolar,
Malynyda olar elinden alar,
Atam aýtdy – “Bary bir orsa galar,
Bar, talań”– diýen, han ogly Adamlar.

Inipdir Köfüklä gülle ýagdyryp,
Abadan obada ganlar çogduryp,
Mal bermäge bilmän boýun egdirip,
Duşmanam öz läşin seren Adamlar.

Obadaky öýler oda çawlanan
Tagan şehit at-ýaragly jaýlanan
Ýedi ýetim, Akyl eje daglanan
Zaryn aglap, gözler ýaşly ildeşler

Şol gün iliń betbagt güni doglan,
Tutuş oba gara tüssä boulan,
Atyz – çilde dökülen gan ýygalan
Iki ýüz nil ot açansoń Adamlar

Ýagy dörän Türkmeniń öz içinden
Baýamakçy ilin talap göçünden
Naçarlary süýrelende şaçyndan
Ar – namysa şehit bolan Adamlar.

Obadaky öýler oda çawlanan
Tagan şehit at-ýaragly jaýlanan
Ýedi ýetim, Akyl eje daglanan
Zaryn aglap, gözler ýaşly ildeşler

Gülle şuwlap geçen sagy-solundan,
Kime degen aýakdan, kime bilinden,
İlin gorap, ýarag düşmän elinden
Şehit bolan Tagan kaka Adamlar.

Ýagyń agdyklygyn durubam görüp,
Ýaragsyz ýabaly, jöwherin syryp,
Çykypdyrlar güllä döşlerin gerip,
İlin gorap, şehit bolan Adamlar.

Obadaky öýler oda çawlanan
Tagan şehit at-ýaragly jaýlanan
Ýedi ýetim, Akyl eje daglanan
Zaryn aglap, gözler ýaşly İldeşler

Ah çekipdir, Ata, Yusup märemler,
Ýaraga deń gelmän elde ýabalar,
Ýer dölede gizlenipdir çagalar,
Oglan - uşak, garry- gurry Adamlar.

Uçgun ýagyp, kesilmedik atmalar,
Ak oýler otlanan, galman çatmalar,
Gan dökülip – köpelen ýas tutmalar
On bäş öýli Köfüklide Adamlar.

Obadaky öýler oda çawlanan
Tagan şehit at-ýaragly jaýlanan
Ýedi ýetim, Akyl eje daglanan
Zaryn aglap, gözler ýaşly İldeşler

Örüm saçlar saç ýüz bilen kesilen,
Sypyrlan, bilezikler - sap ýasalan
Yolunan şaý - sepler boýna asylan
Horlanypdyr, gyz – gelinler, Adamlar

Örküç otly düýe çöken agyllar
Çöp ýatakda diri ýanan köp mallar
Zarynlap göz ýaşly - janawar lallar
Çirkin, nalyş sesler eden Adamlar

Obadaky öýler oda çawlanan
Tagan şehit at-ýaragly jaýlanan
Ýedi ýetim, Akyl eje daglanan
Zaryn aglap, gözler ýaşly İldeşler

Müń dokuz ýüz ýigrim bäşiń güýzünde
Ýagy alan däne, harman çäjinde,
Süren galan malyn, ördek-gazynda,
Gyşlapdyrlar aç-ýalańaç Adamlar.

Ýaragsyz ilaty oka tutana,
Malyn bermedigi şol dem atana,
Göze ilen naçara el gatana,
Garşy çykyp, şehit bolan Adamlar

Obadaky öýler oda çawlanan
Tagan şehit at-ýaragly jaýlanan
Ýedi ýetim, Akyl eje daglanan
Zaryn aglap, gözler ýaşly İldeşler

Ar-namys, öý üçin başyń goýmaklyk
Watan – iliń, jandan belent saýmaklyk
Belki ýazgyt - ilden aýat almaklyk
Şehitlere nesip, bolgaý Adamlar.

Obadaky öýler oda çawlanan
Tagan kaka aty bilen jaýlanan
Ýedi ýetim gözi ýaşly aýlanan
Düşmany dost saýmak hata Adamlar

Obadaky öýler oda çawlanan
Tagan şehit at-ýaragly jaýlanan
Ýedi ýetim, Akyl eje daglanan
Zaryn aglap, gözler ýaşly İldeşler

Ýatyr şehit gerçeklermiz düzülip,
Kimde bellik bar-dur ady ýazylyp,
Kimsinde ýazgylar giden bozulyp,
Şehitlere hormat goýuń Adamlar

Tagan kaka bilen goýlan ýarag – at
Bu Oguz adaty - Iń Beýik hormat
Beýançy – gören göz, öz ogly Söbet
Şehitlere aýat buýrgaý Adamlar

Obadaky öýler oda çawlanan
Tagan şehit at-ýaragly jaýlanan
Ýedi ýetim, Akyl eje daglanan
Zaryn aglap, gözler ýaşly İldeşler

Bu däldir erteki - ýa-da rowaýat
Türkmeniń içinden dörän bir apat
Şehitleriń ruhlary bolgaý rahat
Gel diläliń Allajandan Adamlar

## Myrat Turanly

Uzak Türkden gelen Hojam Turanly asly
Biz asyrlar aýra düşen bir ata nesli
Doganlara ýetende supradaşlyk pasly
Çalt inen ýyldyz dek solduń Myrat Turanly

Ata yurt nesibe çeken seni özüne
Talyplarńa joşduń algebradan hazyna
Belki ýiti bilmiń ilmiş şeýtan gözüne
Turanda ýaş keşbde galdyń Myrat Turanly

Sapagńyza garaşardy talyplar her gün
Bolsa-da bary matematikadan argyn
Köp ah çekdirdi bize şum habar şol gün
Ýok! Ýok! Ýok! gaýratly Hojam Myrat Turanly

Ýigrim ýedi aýlaw bar bolanyń panyçy,
Daşoguzda bendi bolduń , eýläp jan uçy,
İki müń birinji ýyl – dekabryń on üçi,
Dost-ýaryń eńredip gitdiń Myrat Turanly

Çynmy – ýalan! Başlar heniz duman – ümürlik
Beren bilimlerńiz ýatdan çykmaz ömürlik ,
Dünýä gelmek, gitmek ýeke ALLA emirlik
Ýatan ýeriń ýagty bolsun Myrat Turanly.

**2001.12.13**

## Gitdiń sen Şöhrat!

Garaşmandyk asla ajy habara
Bilmen ýa-da keçlik bolan sabyra
Allaha şükürler – joşan nebere
Agtyklaryń goýup gitdiń sen Şöhrat!

Aglap otyr Maýsadyr, Tumar gyzyń
Habar ýaşa basdy enäniń gözün
Bu nä iş – gonamdan yer alan özüń
Belki emri öńden bilip ötdüń sen

Agam diýýar Mähri, Mira, Baharam
Şöhrat ogly diýýär -Timur, Murigem,
Alla joşdy sańa ençe agtygam
Guwanyp ýörmäni ötdüń sen mundan

Ýatlaýan ýörenmiz bile Sibirde
Allajan gorady goýman jebirde
Şükür aman geldik howply döwürde
Gysga ömür bilen ötdüń sen Şöhrat

Bilmen neneń bolan agyr hadysa
Haku – nähak iniń Merdan bilmese
Geni aýdan dek : “Adam gelse ölmese”
Armanly –armansyz diýmän gitdiń sen

Elmydam görerdik seń güler ýüzüń,
Razy bol - geç bolsa günämiz biziń
Düýşümde meýdiń dur üstünde buzuń
Alladan aýanlyk alyp gitdiń sen.

**Ýaş giden gaýyn agam**
**Şöhrada bagyşlaýan!**

## Süýtdeş inim Durdybaý

Bir çakrymlyk arany bäş ýyllap uçup,
Gün daşyndan kosmosda bäş aýlaw geçip,
Minut gutlag okadyń awtomat açyp,
İş üstüne geleńde inim Durdybaý

Sagbol ýatladyń müń ýarym gün agansoń,
Gelin toý gutlap, agtyk sünnet bolansoń,
Sen ýat bolsań da şüt emişen dogansyń,
Ýakynyń ýat eýleme inim Durdybaý.

Gutlaga mynasyp my şygyryń bary ?
Dürs sözlüdir Allanyń söýen dost – ýary.
Kuranda hak ýolunda ölenler diri
Nähak söz aýtmakdan saklan Durdybaý.

Çowdur ýa seń bilen tirkeşip ýörmedik
Onbir ýaşdan soń bir-birimiz görmedik
Asla gürrüńdeşlik, daw, jedel gurmadyk.
Gybat, töhmet - günäni saýgar Durdybaý

Marks, Lenin goşma baha döwlet dolapdyr
Darwin jedeli : "…Maýmyn adam bolupdyr."
Bu dialektik - ylmy ösüş ýollukdyr
Ańmaza ol-da dawa - inim Durdybaý

Gep alyşarmy deń gelmese göz ýetim
Bilim alanlar bilen bazardan satyn
Bag-bakja guratmazmy zeý suwdan tutum
Ylymda miwe ýat bolmazmy Durdybay

Ogry – tilkidir mydam, şir görse gorkýan,
Neneńsi atka seńki – agańdan ürkýän,
Haramhordan daş – arassa ýörse erkan
Towşanam şire döner inim Durdybaý

Bir aç pil dynman molar eken elmydam
Bir oglan görup, höreklăpdir çydaman
Soń duşanda oglanyń köwşüni ýalan
Burny deşik gul bolan pilem Durdybaý

Nesibedir emmek obadaş ýeńńäni,
Dińdiren berip öz göwsünden emmani,
Ýatan ýeri ýagty bolsun ol bendäniń
Ýady ýakyn edipdir enem Durdybaý.

Edebiń ýagşysyn al - ulyny syla!
Söz manysyn ańmaza – hakam bir dawa.
Akyldar inä - bormy, at dakmak aga?
Gutlagyńa köp sagbol şahyr Durdybaý

Öwütde : “ Manysyn ań – okasań namaz ”
Bilimden daş kän ilde – aýdanyn ańmaz
Ylym bir doly hazynadyr egsilmez
Açsań söz – açar ol göz, inim Durdybaý

Hoşa tapmasań urmagyl çöpe – çöre
Açyk göwün - dury ań, batmasyn kire
Goý diýsinler: “Hä ..ol akyldar, şahyra...”
Nobatyń nesihaty şu alsań Durdybaý

## Dolan aý sen dolanaý

Syrym aýdyp bilmesem
Gözüm aýryp bilmesem,
Näderin men dogan aý
Dolan aý sen dolanaý

Sen kim üçin doglan aý
Barińe bir dolanaý
Bakaýyn jemalyńa
Dolan aý sen doglan aý

Hyýalymda ýanymda
Nazar düşse janymda
Gitmez bolduń ańymda
Oda saldyn dolanaý

Sen kim üçin doglan aý
Barińe bir dolanaý
Bakaýyn Jemalyńa
Dolan aý sen doglan aý

Nazaryndan ten diglär
Ol hanjar ýürek tyglar
Bi alaç duýgy aglar
Jemal sen bir dolanaý

Sen kim üçin doglan aý
Barińe bir dolanaý
Bakaýyn Jemalyńa
Dolan aý sen doglan aý

Jemalyń nurlar saçýar,
Gören badym erk gaçýar
Göwün elden suw içýár
Ody duýmaz dolanaý

Sen kim üçin doglan aý
Barińe bir dolanaý
Bakaýyn Jemalyńa
Dolan aý sen doglan aý

Dolan aýyń tüýs taýy
Ýa-da onuń bäsdeşi
Wah bolsamdym ýaşdaşy
Sen kim üçin doglan aý

Sen kim üçin doglan aý
Barińe bir dolanaý
Bakaýyn Jemalyńa
Dolan aý sen doglan aý

Döran ot goşga döndi
Syrym açylman galdy
Aýralyk ýaşdan boldy
Sen kim uçin doglan aý

Sen kim üçin doglan aý
Barińe bir dolanaý
Bakaýyn jJemalyńa
Dolan aý sen doglan aý

## Gara Göz

İnçe barmak elleri
Dokar haly gölleri
Dünýäniń ter gülleri
Ýakańdadyr gara göz

Saçak, nanyndan belli
Çar künjekde gara göz
Otuz asyr geçiren
Milli geýmińden belli
Türkmen gyzy gara göz
Gapba, gapba gara göz

Öz diken taýhasynda
Edep – ekram paýhasynda
Gaşly saçýüz - örümde
Öwşün atar gara göz

Türkmen nagşynyń ömri
Üç müń ýyldan has ańry
Piterde dur oń biri
Ermitajda gara göz

Wasp hoşasy galmandyr
Sańa bäsdeş bolmandyr
Ýel maýanyń ýolunda
Taýsyz ýyldyz älemde

Watanymda toý günde
Toý lybasyń geýgindä
Gyzyl öwsüp, sap gaşlar
Görkün goşsun gara göz

Baý mirasa eýe sen
Zerleriń dik toýa sen
Geljege bol uýa sen
Ýaşlar içre gara göz

Don ýaka, aýlaw zerli
Parça güller jaý ýerli
Gün şöhle eýmenerli
Beslenende gara göz

Şaý – sepiń baryn dikgin
Dagdan, sümseläń dakgyn
Olar saza ses goşsun
Tans edeńde gara göz

Syrgań dakyp, geý lybas
Bilezik geý, monjuk as
Gupba bukaw galmasyn
Tumaram dak gara göz

Ýüzükleriń baryn geý
Alyn şaýyń sońa goý
Wah Gursakçań ýerleşmez
Göwüsińde gara göz

Ýeńselik dursun sońa
Ýer ýokdur gülýakańa
Eginligiń dak ýöne
Bezen bu gün gara göz

Asyk, apbaslar dikgin
Ýeńaralaryn dakgyn
Bezeglerden saz çyksyn
Tans edeńde gara göz

Näzleri göwne ýakar
Janomde nagyş diker
Nazar asykdan bakar
Türkmen gyzy gara göz

Ýolda, yzda Laptoply
Hard disk nagyşdan doly
Saýlap diker Embörtde
Gerek gülün gara göz

Näzli yörüşi bardyr
Sada duruşy bardyr
İşiń görüşi bardyr
Lak ataýsań gara göz

Nobat aýdar söz sapdyr
Hyýalda saz ýol köpdür
Bagşa hoş owaz tapdyr
Öz waspyńa gara göz

Saçak, nanyndan belli
Türkmen gyzy gara göz
Otuz asyr geçiren
Milli geýmińden belli
Çar künjekde gara göz

## Gülnar

İnternet perişde işi
Görmedim men asla düỳşi
Aldyň barja akyl – huşy
Göze ilmez peri Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

İr bahardy söz gatany
Daňdan dört gelip ýeteni
Bu nä duzak oň atany
Ýitip gitdiň peri Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

Mail.ru da salamlaşdyk
Bäş – on agyz kelamlaşdyk
Bilmen neneň baglanyşdyk
Ýa ol saçyň tary Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

Diýdiň sen başyň boşlygyn
Uky tutmaz nähoşlygyň
Anketaňyň ýalňyşlygyn
Otuz ýedä ýeten Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

Suratynda taýsyz Gözel
Saňa köp düzerler gazal
Bahar aýlar gowy menzil
Gapyl tenler piri Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

Eger bolsa iki peri
Sen bolmaly onuň biri
Her bir sözüň derde däri
Hassa jana lukman Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

Diýdiň: “Köpmi sende Gülnar”
Soragyňdan jansyz janar
Belki täleýde adyň bar
Sen onda yeke-täk Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

Diýdiň: “Bolsa ýyly gujak
Neneň mailda oturjak”
Rugsat berseň “Miriň” gőrjek
Goşsań “Mail Dosta” Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

Salgyňy berseň baraýyn
Güler jemalyň göreýin
Mydam bileje ýöreýin
Tutup näzik eliň Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

Bilmen çynmy - ýalan halyň
Nirelerde salgylaryň
Aýdaý düşgeý meniň ýolum
Görmäne didaryň Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

Ýöne sen gelgin gönüňden
Duzagyň açgyn öňünden
Ýogsam muny oka formdan
Jadylaryň piri Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

Nol alty segsen bir Gülnar
İnternetde loginiň bar
"Çeper" goňşyň erter habar
Açmasaň bu syry Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

Sözleriň bar aýdyň, dury
Etme oýun - hanjar ury
Bes et indi duzak gury
Bilmen kimiň ýary Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

Uky derdin maňa berdiň
Loginiňi ýapyp ýördüň
Belki menden ýaman gördüň
Açar aý sen köri Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

Şygrym saňa sowgat etjek
Syryň açsaň dowam etjek
Ýogsam sözüm tamam etjek
Borsuň nesip ýary Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

Gije habar gatan özüň
Belki täsiridir ýazyň
Aýỷdan Nobat agaň gyzym
Sowala jogabym Gülnar

Sen meni ýakma, gynama
Näz etseň etde oýnama
Jan berip gapyl tenime
Ýaňy dogan aý dek Gülnar

## Sen Söýgüli Ýarym Bolsaň

Seniň garaja gözleriň
Ýakdy ýüregim sözleriň
Diňlärdim men owazlaryň
Sen söýgüli ýarym bolsaň

Eneňe malym bereýin
Atańa barym bereýin
Al şirin janym bereýin
Sen söýgüli ýarym bolsaň

Alladan seni diläýin
El berseń eliň alaýyn
Ýoluňda gurban bolaýyn
Sen söýgüli ýarym bolsaň

Eneňe malym bereýin
Atańa barym bereýin
Al şirin janym bereýin
Sen söýgüli ýarym bolsaň

Eneň gözlär baý giýewin
Atań islär öz süýegin
Eýlegin Mana aýawyń
Meniń söýen ýarym bolsaň

Eneňe malym bereýin
Ataňa barym bereýin
Al şirin janym bereýin
Sen söýgüli ýarym bolsaň

Güller düşäp baksam ýolyň
Armanym ýok bolsam guluň
Bagtly bolun diýse ilim
Sen söýgüli ýarym bolsaň

Eneňe malym bereýin
Ataňa barym bereýin
Al şirin janym bereýin
Sen söýgüli ýarym bolsaň

Baýlyk soňy mydam gaýgy
Gaýtalanmaz ilki söýgi
Ýatdan çykmaz yşka köýgi
Sen söýgüli ýarym bolsaň

Eneňe malym bereýin
Ataňa barym bereýin
Al şirin janym bereýin
Sen söýgüli ýarym bolsaň

Meni köpden bäri ine şu pikirler çuňňur oýlandyrýar: Gadymy adam we başgada birnäçe has gadymy zatlaryň, ýerleriň atlarynyň başga çet ýurt dilleriniň içinde - de bir halk bolan türkmen we türki sözlerinde aýdylşy ýaly galandygy (finge- penje,Jungle – jeňňel ( Angl.finge,jungle), adam -(ilkinji adamyň ady we adam sözi), Atilla- Ata il, il atasy (gadymy il , il atasy (отец народа), Ak gün– Ak hun (Ak süňk ya-da arassa ganly), Miçigan – (miçgey- türkmen tiresiniň ady), Çikago–çykalga (Şol ýerde deňiz ýaka uly Miçigan kölünde ýerleşen port Çikagolygy we miçgeýleriň türkmen ýomut tiresinde barlygy hem de türkmen dilindäki çykalga sözüne gabat gelmegi, bir dälde üç faktyň tötänleýin bolmagynyň mümkin däldigi bilen esaslandyrsa bolar. Miçiganam indeýleriń şol ýerli tiresiniň ady bolmagyny çaklaýaryn.

Türkmenistan we türki halklara goňşy döwletlerdäki gadymdan gelýän ýer - ýurt, dag, deňiz atlary hemmä belli boluşy ýaly sanardan has kän. Ol sözler, atlar bütin Adam atamyzdan bär bolan adamzat taryhynyň içinden eriş- argaç bolup geçen. Şu pikirler, adamzadyň we türkmen- türki halklary baradaky taryhy maglumatlar bilen 1980 –nji ýyllardan bäri gyzyklanyp men öz pikirlerimi jemlap, olaryň diňe esasy ýerlerini ýerleşdirip, mundan 20-30 ýyl öň goşgy setirlerine geçirende 34 kuplet onbirlemä gysgaldyp, ýerleşdiripdim. Bu kitapda da şol goşgylarymy topladym.